# Gündelikde galanlar -7/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -7/ dowamy 16.12.95 ý. Änew

“Owadan” žurnalynyň baş redaktory Abadangözel Baýlyýewna Seýitgulyýewa meni işe çagyrypdyr. Muny partiýanyň Aşgabat şäherkomynyň ikinji sekretary bolup işleýän inim Meretden sargyt edipdir. Ertesi redaksiýa bardym. Baş redaktoryň kabinetinde Durdymuhammet Gurbanow hem oturan ekeni. Köp wagtdan bäri biri-birimiz bilen görüşmänimizden soň gadyrly salamlaşdyk.
Durdymuhammet öň Prezidentiň metbugat gullugynyň sekretary bolup işledi. Indem žurnalda bölüm müdiri. Ol “Men bir zada begenýän, Allaýar Çüriýewiç bilen bile işleşjekdigim üçin men bagtly” diýdi.
Abadan Baýlyýewna meni öz orunbasary edip işe aljakdygyny aýtdy. “Niçik görýäň?” diýdi. Men pikirlenip, “Işi bilýän. Işden gaçamok. Ýöne saglygyň ugry ýok” diýdim. “Saglygyňam düzeler” diýensoňlar, razylyk berdim. “Şu günden buýrugyňy berjek. Ertir 12-lere geläý” diýensoň, öýe, Änewe gaýtdym.
Ertir aýdylan wagtlary geldim. “Türkmenistan” gazetiniň baş redaktory Kakabaý Ylýasow Abadan Baýlyýewna jaň edip, men hakda sorapdyr. “Saglygynyň ugry ýok” diýýädiler. Zehinli oglanlary alanyňa begenýän” diýipdir. Meniň öz ýanyna gelmegimi haýyş edipdir. Telefonda gürleşdik. ”Öýländen soň ýanyňa bararyn” diýdim. Meniň işe gelmegimiň hormatyna redaksiýada çaý içişlik guraldy. Durdymuhammet meniň adyma tolgundyryjy sözleri aýtdy. Žurnalyň 10-njy sanyndan onuň publisistik makalasy we goşgusy nomerden aýrylan eken.
Sagat bäşlere K.Ylýasow sekretarşasyny meniň yzymdan iberipdir. Bardym. “Kakamyrat, Gylyçmyrat bilen (K.Ballyýew – metbugat gullugynyň sekretary, G.Kakabaýew – onuň işgäri) araň nähili?” diýip sorady. Menem “Kakamyrat bilen bäş ýyl bile bir

kursda okadym. Gylyçmyrat bilen hem aramyz gowudyr” diýdim. “Abadan seni işe alanda şolar bilen maslahatlaşdymyka?” diýdi. “Ony maňa aýdanok. Özlerini hem işe alamda (olaryň ikisi-de öň onuň orunbasary bolup işlediler) hiç kime sala salmandym diýip aýtdy” diýdim.

Şol günüň ertesi (8.12.95, bäşinji gün) sagat bäşlerde Abadan Baýlyýewna “Meni Kakamyrat Ballyýew çagyrýar. Sen hakda-da bolaýmagy mümkin. Garaşaý” diýdi. Garaşdym. Ýüregim weli syzyp dur. Ýöne men muňa taýýar. Muň ýaly namartlygy men öňem telim gezek başdan geçiripdim. Her gezegem her nähili kynam bolsa baş alyp çykypdym. Ýöne meni gynandyrýan zat indi bir ýarym ýyldan bäri saglygymyň ugry bolmansoň işläp bilmändigim. Işe höwes döränd-de ýüregiňi bulaýarlar. Zyýany ýok. Meniň çaklaýşym dogry bolup çykdy. Abadana “Çüriýew hakdaky buýrugyňy yzyna al” diýipdirler. Bahanalary hem “Sen nämüçin biziň bilen maslahat etmänsiň” diýipdirler. Bölüm müdirinden başlap, tä redaktoryň orunbasaryna çenli kandidatura metbugat gullugynda döredilen komissiýadan geçmeli eken. Men munuň ýalandygyna bada-bat düşündim.

Meniň günäm näme? Goşgularymmy? Bilemok. Saglygymam o diýen gowy däl, özüme näçe agyrlyk salyp şu üç gün işe gatnadym, ile goşulasyň gelýär. Abadan: “Işläber. Men seniň buýrugyňy berdim” diýse-de, men oňa: “Menden saňa zelel gelmesin” diýip, oňa kabinetiň kabinetiň açaryny tabşyrdym. Öýden getiren zatlarymy hem alyp, öýe gaýtdym. Öýdäkileriň keýpi bozuldy. “Adam başy – daşdan gaty” diýleni. Sähel gowşak bolsaň, ýüregiňden tutup öläýmeli..

Soň eşidişime görä, Abadan Baýlyýewnany Oraz Aýdogdyýew çagyran eken. Kakamyrat Ballyýew ikisi. Aýdogdyýew “Näme üçin Çüriýewi işe aldyň?” diýip, gaharly sorapdyr. Sandyraýar diýýär.

Abadan şonda “Bilemok weli, ýöne zehinli oglanlary özüňizden daşlaşdyrýarsyňyz” diýip aýdypdyr. Men öňem oňa “Meň üçin olar bilen konflikte girme” diýip haýyş edipdim.

Men özümiň gadagan edilen awtordygymy Durdymuhammetden bilip galdym. “Buýrugyny buhgalteriýa tabşyramda Litiň başlygynyň orunbasary duşdy. “Allaýary işe alypsyňyz. Bize onuň

goşgularyny çap etdirmeli däl” diýip tabşyryk berdiler” diýdi. “Tak çto, senem, menem gadagan edilen awtor” diýdi. Muny aýdanda Abadan Baýlyýewna-da bardy. Men ertesi irden goşgularym çap edilen “Watan” gazetini getirip, Abadana görkezdim. Ol goşgulary okap, “Munda kesä çeker ýaly hiç zat ýok ahyryn” diýdi.

Şu ýerde bir wakany ýatlaýyn: 1988-nji ýylyň, ýalňyşmasam, 18-nji maýynda “Edebiýat we sungat” gazetinde “Otuz ýediň pidasy” atly uly göwrümli makalam çap edilipdi. Makalada görnükli partiýa we döwlet işgäri Halmyrat Sähetmyradowyň pajygaly ömri hakda gürrüň berilýärdi. Halmyrat Sähetmyradow Köşi obasynda doglan. Şunuň bilen bagly men Köşi obasynyň ýaşuly adamlarynyň birnäçesi bilen söhbetdeş bolupdym. Olar 37-nji ýylda Sähetmyrat Halmyradow tutulandan soň, öz obalarynda bolup geçen wakalary gürrüň berdiler. Aýratynam 5-6 sany adamyň obada guralýan ýygnaklarda çykyş edip, obadaşlaryna töhmet atyşlaryny ýüz görmän gürrüň edipdiler. Şol çykyşlardan soň, tankyt edilen adamlar ýok edilýärdi. Şol döwürde basylan adamlaryň sany 150- den hem geçen eken. Makala çap bolansoň, redaksiýa şol 5-6 adamyň çagalary üýşüp geldiler. Hakykaty talap etdiler. Şonuň üçin redaksiýa iki tarapdan hem adamlary çagyryp ýüzleşdirmeli boldy. Çagyran ýaşulylarym ýüz görmän, öňki aýdanlaryny gaýtaladylar, Hakykatdan daş gitjek ýeriň ýok! Garaz-haý, şol 5-6 adamyň içinde žurnalist Kakamyrat Ballyýewiň hem atasynyň ady agzalýan eken. **Adamlary redaksiýa sary küşgürýänem Kakamyrat bolsa nätjek!** Şol günleriň birinde Kakamyrada belet adamlaryň biri maňa: “Munuň üçin ol seni bagyşlamaz!” hem diýipdi. Şondan 7-8 ýyl geçensoň, onuň aýdan zady hakykata öwrülip başlady. Niýetiň-päliň düzüw bolmasa, ir-u-giç yzyňdan ýetdirýärsiň. Kakamyrat Ballyýew masgara bolup işinden kowuldy. Ýöne onuň goldaw beren bizehin işgärleriniň ýek-tügi derisini üýtgedip, işläp ýöreni bar. Geçen ýyl – 2022-njy ýyl, Magtymgulyny öwrenen rus gündogarşynasy, professor Ýewgeniý Bertels hakynda habarçy meniň bilen söhbeteşlik gurady. Ýöne gepleşik efire berilmedi. Redaksiýada işleýän şol ýek-tügüň biri gepleşigiň efire gitmezligini gazanypdyr. Eýsem-de bolsa, biz onuň bilen bile

bir redaksiýada hem işläpdik. Hyzmat etmäge weli ökdedi. Häzirem ol öz hojaýyny Kakamyrat Ballyýewiň “ýörelgesine” wepaly bolup galypdyr.

Oraz Aýdogdyýew hakda. Ol meniň bilen Moskwada Ýokary komsomol mekdebinde bile okady. Ony haçanda Prezident Sowetiniň agzalygyna bellänlerinde, biziň redaksiýamyz (“Syýasy söhbetdeş”) Mejlisiň jaýynda ýerleşýärdi. Meniň kabinetimiň nomeri, ýalňyşmasam 44-di. Ine, şonda ýokarda ýygnak gidip durdy. Meniň kabinetime Oraz Aýdogdyýew girip, kagyz – galam sorady. Oňa çenli suratçy Gurbandurdy Myradow hem girdi. “Sen Orazy gutla. Ony Geldimyrat Nurmuhammedowyň ýerine belledi Prezident” diýdi. Men ony gutladym. “Tüweleme. Indi biziň ýalylary gözüňiz hem ilesi ýok” diýip degişdim. Ol bolsa “Aý, goýsana, nätdiň-aý, meni sen şu gün tanamaly däl-e” diýip, resmi aýtdy.

Ine, şol Aýdogdyýew (meniň 70-nji ýyllardaky kursdaşym. Moskwa), beýleki bir kursdaşym Kakamyrat Ballyýew meni gazet-žurnallarda çykyş etmegimi gadagan edýärler, öz ugrumdan işlemegi dowam etmegimi (ýarawsyzlygyma garamazdan) gadagan edýärler.

5.01.96.

3-nji ýanwar agşamsy “Watan” (TW) programmasynda Prezidentiň Radio we telewideniýe kompaniýasynyň ýolbaşçy işgärleri bilen duşuşygy görkezildi. Prezidentiň kompaniýanyň ýolbaşçylary hakda, Tw-de höküm sürýän baş-başdaklyk hakda aýdan zatlary halka ýetirildi. Ýolbaşçylaryň günäsi bilen 4 mln. manadyň nirä sowlany belli däl.

Prezident işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin Kompaniýanyň başlygy Annageldi Japarowiç Orazdurdyýewe, onuň birinji orunbasary Kakamyrat Ballyýewe ”Siz işden boş” diýdi. Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary Orazgeldi Aýdogdyýewe-de berk käýinç yglan etdi. Aýdogdyýewiň dik durup, başyny sallap durşuny göreňde, şunuň ýaly adamlaryň medeniýete we sungata “ýolbaşçylyk” edişlerine bir ölüp bileňok. Ýalan dona bürenmeýär. Galp bolsaň, syrtyň ir-u-giç açylýar.

“Gazma düşersiň, ýakma bişersiň”.
Agşamara Meret geldi. Abadan Baýlyýewna çagyrypdyr. Men hakda Orazgeldi Aýdogdyýew “Ol (men – A.Ç.) garaşsyzlyk hakda ýazjak däl” diýip aýdypdyr” diýip, Abadan Baýlyýewna aýdýar. “Ýöne bu arada men ýok” diýip, namartlygyny edipdir. Eger-de men şeýle gürrüň eden bolsam, onda meni çagyryp, näme sebäpden beýle zatlary aýdýanlygymy soramaly eken. Mundan otuz ýediň ysy gelýär! Aýtmadyk zadyňy aýtdy diýip, gaýybanasyndan işi görlenler bir ýa iki däl ahbetin. Bigaýratyň tebigaty şeýle-dä, nätjek! Käşgä adam bolsa öýkeleseň. Moskwada okanymyzda bile ýaşaýan we bile okaýan ýoldaşlarymyz oňa … diýýärdiler.
Adam hiç haçan öz häsiýetini üýtgetmeýär diýýänleri gaty dürs bolmaly.
Abadan Baýlyýewna bir akylly iş edipdir: ol şol wakadan soň öz janyny barlamak maksady bilen metbugata jogap berýän degişli bir adam bilen gürleşipdir. Bolan wakany jikme-jik aýdypdyr. Ol adam: “Men Allaýary tanaýan. Oň ýaly gürrüň ýok” diýip jogap beripdir.
Men-ä indi iki ýyla golaý Änewde derdimi çekip ýatyryn. Ozal bile işleşen adamlarymy göremok diýen ýaly. Onsoň men garaşsyzlyk hakda kime içimi dökdümkäm? Belki, Akbibi Ýusubowa bilendir. Belki-de, Kakamyrat Ballyýew bilendir? Ýa-da Oraz Aýdogdy bilen söhbetdeş boldummykam? Ýadyma düşenok.
Aýtmadyk zadyňy aýtdy diýip, öz wezipesini saklajak bolup elem-tas bolup ýörenler az däl ýaly.. Ine, şonuň ýalylardan Hudaý saklasyn!

31.03.96.

29-njy mart agşamsy Meret şäherden geldi. Teleradiokompaniýanyň täze başlysy Isa Arazmedow “Meni Allaýar bilen duşur” diýip aýdypdyr. Iş meselesi bilen. Ilki göwnemedim. Soň pikir edip, bagtymy synap göreýin diýdim. Meret “Ertir sagat onuň ýarynda maşyn ibererin” diýdi. Uzak gijeläp ýatmadym. Hem-ä ýaramadym, hemem pikir etdim.
Ertir (şenbe güni) Isa Arazmedowyň huzuryna bardym. Gadyrly görüşdi. Işini gutladym. 5-3 minutdan Oraz Gurtdurdyýew

gapydan girdi. Gadyrly salamlaşdyk. “Düýn sen hakda pikir etdim” diýdi. Ozal telewideniýede, radioda işlän döwrümizi ýatladyk. Soň TW-nyň programma direktory Ýazmyrat Çöňňäýew girdi. Görüp otursam, olam Kakamyrat Ballyýewiň pidalarynyň biri eken. TW-den gidipdir. Bir ýyldan soň, golaýda yzyna getiripdirler.
Isa Arazmedow iş ýagdaýlaryny aýtdy. Ozalky ýolbaşçylar urdumşalyk bilen işläpdirler. Prezidentiň tehnika üçin goýberen milýon-milýon dollaryny ýele sowrupdyrlar. Tehnika iznos, 74 maşyndan 10-15 sanysy işleýär. Köne kadrlaryňam köpüsini kowupdyrlar. Olary yzyna gaýtaryp getirýärler. TW-niň edebi-drama gepleşikler redaksiýasy ýaramaz ýagdaýda. “Sen şony düzedip be”r – diýdi. Muny Orazam, Ýazmyradam goldadylar. Men «Saglygymyň ugry ýok. TW-niň işi ýeňil däl. Mümkinçiligi bolsa radioda işläýsem” diýsem-de, üçüsi üç ýerden: “Sen oňarýaň, eglişik ederis” diýdiler. “Pikir edeýin” diýdim. “Soň kölegeli gürrüň ýüze çykmasyn” diýdim. Men olara ýanwarda özüm bilen bolan wakany jikme-jigi bilen gürrüň berdim. Isa şonda “K.Ballyýewi öz işimize goşuldyramzok. Maňa jaň edenok. Ýaşula-da başda: “Ballyýew meniň işime goşulmasyn” diýip haýyş etdim diýdi. Sen o zatlaň pikirini etme. Gel, işleşeli” diýdi.
Jaň geldi. Oraz Aýdogdyýew eken. Isa oňa tribkada: “Allaýar Çüriýewi tanaýarmyň?” diýdi. Olam: “Haýsy manyda” diýendir-dä. Isa “Gürleşjek” diýdi. Gürrüňiň arasynda ol “Entäk gürleşemok” diýensoň, onuň men hakda otrisatel bir zat aýdandygyny aňdym. Soň gürrüň “Älemgoşar” festiwaly hakda boldy. Erbet boldum. Bolsa-da bildirmezlige saldym. Trubkany goýandan soň az-owlak dymyşlyk boldy. Isa hiç zat bildirmezlige çalyşýardy. Hoşlaşyp turjak bolanymda ol meniň bilen gadyrly hoşlaşdy. “Gel, iş taparys” diýdi. Orazam “Ikinji gün, sagat üçde gel, garaşýas” diýip galdy.
Radiodan çykyp, Merediň ýanyna bardym. Ýagdaýy aýtdym. “Bäşinji gün ýagdaýyň nähili, niçik bolandygyny Isa jaň edip bilerin” diýdi. Men Merediň edarasynyň maşyny bilen Änewe, öýe geldim.

31.03.96.

Şu gün Serdaryň ilkinji çagasynyň – Imranyň doglan toýuny etdik. Dogan-garyndaşlar geldiler. Ol 16-njy martda doguldy.

8.04.96.

Meret Isa Arazmedow bilen habarlaşanda “Allaýaryň özi işlemäge göwnänok” diýipdir. Eýýäm Oraz Aýdogdy oňa birzatlar çakan bolmaly. “Bulaň edýän oýny bolanok. Men ýaşulyň ýanyna girjek” diýip, Isa aýdypdyr.
“Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň baş redaktory Balkan Gafurow “Allaýaryň goşgularyny berjek” diýende, Oraz Aýdogdy “Bermersiň” diýipdir. “Goşgular gowy. Näme üçin bermeli däl” diýende, ol “Özüň bir bahana tap” diýip, meniň gazet üçin rusça terjime edilen goşgularymy alyp galypdyr.

8.04.96.

“Aşgabat agşamy” gazetinde (7.04.96) goşgular toplumym çap edilipdir. Meret agşamara öýe geldi. Ol gürrüň arasynda Wartan Dawydowiç Arutýunowyň 85 ýaşynda öňňün ýogalandygyny aýtdy. Gynandym. Ýatan ýeriň, ýagty bolsun, Wartan Dawydowiç! Birnäçe wagtlap duz-emek bolduk. Kakamyň dostudy. Ol otuzynjy ýyllarda “Turkmenskaýa iskra” gazetinde Çärjew taraplarda habarçy bolup işlän. Soň partiýa işinde, TKP MK-nyň birinji sekretarlary Jumadurdy Garaýewiň (1960-njy ýylda), Balyş Öwezowyň, Muhammetnazar Gapurowyň kömekçisi bolup işledi. Oba – Könekesire-de birnäçe sapar myhmançylyga barypdy.
Gowy adamdy pahyr.

22.08.96.

Şu çaka çenli Wartan Dawydowiçiň ýogalanlygy hakdaky nekrolog gazetlerde berilmedi.
Düýn, öňňün şahyr Begmyrat Ussaýewiň başujunda bolduk. Dilden-agyzdan galypdyr. Gözgyny ýagdaýda. Megerem ol bagyr raky bilen keselläpdir. Gör, nähili güýçli adam bir gysym bolup ýatyr.
Ol türkmeniň örän zehinli ogullarynyň biridir. Işdeş ýoldaşlaryndan görýänim ýok. Ýöne düýn Sapar Güjükow daşarda

eken. Ýanyna girmän gitdi. Biz gaýdamyzdan soň Nazar Gulla gelipdir diýdiler.
Begmyrat beýle horlanmaly adam däldi. Haýp! Jan berip bilenok. Şo gün obadan Nepes agamyň ysmaz keseline duçar bolanlygy hakda habar geldi. Derman baryny alyp, oglanlar gitdiler. Begmyradyň öýüne görnip, Eneçeperlerden oba jaň etdik. Çaryýar Nepes agamyň ýanyndan jaň edip, “Gelme, gerek däl, ýagdaýy erbet däl” diýdi.

23.08.96.

Şu gün gündiz sagat 11-iň ýarlarynda Aşyr şäherden geldi. Begmyrat Ussaýewiň ýogalan ajy habaryny getirdi. Sagat 11-de soňky ýoluna ugradýarlar. Köşi baýyrlygynda Türkmeniň uly şahyryny jaýlap gaýtdyk.
Gonamçylykda indi üç ýyldan bäri görşüp bilmedik adamlaryma gabat geldim. Şahyrlar Agageldi Allanazarow, Kakabaý Gurbanmyradow, ýazyjy Daňatar Berdiýew, alymlar Nazar Gullaýew, Kakajan Täçmyradow, Baýram Kertiýew, Kakajan Durdyýew… Ýazyjylar soýuzynyň başlyklary ýok. Miting bolmady. Agageldi “Garaşsyzlyk hakda goşgular kitabyny çykarýas. 10 sany goşgy iber. Şondan köp bolmasyn. Özem garaşsyzlyk, Türkmenbaşy hakda bolsun” diýdi. Men “Bolýar. Oglum Serdardan ibererin” diýip aýtdym.
Agageldi tüweleme, daýawlanypdyr. Ol her gezek Gorkanyň deňinden geçemde “Seniň myhmanhananyň 2-nji gatyndan aýagyňy sallap oturyşyň ýadyma düşýär” diýdi. Biz onuň bilen 1962-nji ýylda Artek pioner lagerinde bolduk. Aşgabatda “Türkmenistan” myhmanhanasynda respublikadan ýygnanan oglan-gyzlaryň kyrkysy hem şol myhmanhanada bolupdylar.

12.09.96.

Düýn Baýjan bilen şähere gitdik.
Kompozitor Weli Muhadow: “Allaýary gözläp tapyp bilemok. Minkultura-da, Soýuza-da jaň etdim. Bilenoklar” diýip, Merede jaň edipdir. Ol Meredi Batyr Hallyýewiň (“Neýtralnaýa Turkmenistan” gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary) üsti

bilen tapypdyr.
Ærediň kabinetinden Weli Muhadowiçiň öýüne jaň edip, özümi tanatdym. “Ýarym sagatdan bararyn” diýsem, “Gelip bilseň şumat gel. Jaňa garaşýan. Döwlet gimniniň diňlenişigi boljak. Şolaň jaňyna garaşyp otyryn” diýdi.
Bardyk. Özi daşarda garaşyp duran ekeni. (Uçitelskaýa, 8. Ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedowyň öýi bilen garşyma-garşy. Onuňky 5-nji jaý).
Ol gadyrly görüşdi.. Howlusy giň, arassa. Jaýynda hem artykmaç zat ýok. Ýönekeý we arassa. Ümsümlik. Ýaşuly alçak. Ol meniň ýazýan zatlarymyň ählisini okandygyny, arada “Neýtralnaýa Turkmenistan” gazetinde (14.08.96) goşgular toplumymy okandygyny aýtdy. Aýratynam oňa “Kogda obrywaýetsýa struna” atly goşgy ýazypdym. “Goşgyny on bäş gezek dagy okadym. Men hakda ýazylan ýaly. Ol maňa ýaňadandan duh berdi” diýip aýtdy.
Goşgynyň soňky bendini öz täze simfoniýasynda epigraf edip ulanjakdygyny, goşgynyň özüni bolsa soň uly eser etjekdigini hem aýtdy. Meni gözlemeginiň esasy sebäbi hem şol goşgy bolan ekeni.

*… Вчера нашёл, и потерял сегодня,*
*Потери те оплаканы сполна,*
*Лилась, лилась мелодия свободно,*
*Но у дутара лопнула струна…*
***(Перевод Лина Сем. Половинкина)***

80 ýaşly gojadan, onda-da beýik kompozitordan, örän talapkär halypadan şeýle öwgüli sözleri eşitmek meniň üçin gaty ýakymly boldy. Oňa minnetdarlyk bildirdim.
Ol maňa iki sany eseriň üstünde işleýändigini (biri aýdym, biri kantata) aýtdy. Bile işlemegi teklip etdi. Men göwünjeňlik bilen razylyk berdim.
Ol soňky döwürde Türkiýede bolupdyr. Şol ýerde okadypdyr. Sentýabryň ahyrlarynda ýene-de Türkiýe gitjekdigini, ýöne bir aýdan gaýdyp geljekdigini aýtdy. Men onuň gürrüňinden Kakamyrat Ballyýewiň teleradiokompaniýanyň başlygynyň orunbasary bolup işleýärkä, Weli Muhadow bilen baglanyşykly

ähli wideolary öçürdendigini bildim.
Ýaşuly gaty gynanyp gürrüň berdi. Radioda işleýän ähtibarly adamyň biri oňa K. Ballyýew bile baglanyşykly zady hem gürrüň beripdir. Ballyýew oňa: “Sen obalara aýlan-da, ýaşulular bilen gepleş. “Bize simfoniýa-da, balet-de… gerek däl. Ozal muň ýaly zatlar bizde bolmandyr. Indem gerek däl” diýen äheňde hat ýazyp, şolara gol çekdirip gel” diýipdir. Ol adam hem muňa razylyk bermändir. “Şonuň üçinem meni ol işimden boşatdy” diýip, ol W.Muhadowa gürrüň beripdir.
Ýaşuly özi gürrüň bermegi gowy görýär. Onuň bilen bir ýarym sagat dagy gürleşip oturypdyrys.
“Men onda haçan boşaşsam, Merede jaň ederin. Şoňa aýdaryn” diýdi.
Biz onuň bilen bile işleşmegi wadalaşyp, gadyrly hoşlaşdyk.

* * *

23.09.96.

17-nji sentýabrda Weli aga Muhadow bilen “Watannama” atly (Azatlyk gimn odasy) solist, hor we simfoniki orkestr üçin aýdymymyza başladyk. Ýeňil işlenilýär. Şol gün sagat dördüň ýarynda Weli Muhadowyň Prezident Köşgünde bolmalydygyny jaň edip aýdypdyrlar. Muny oňa Weli aganyň aýaly Adygül gelneje habar berdi. Orta boýly, hortaň, mylakatly aýal. Köşge barmak üçin ulag sorap, Weli aga soň Merede jaň edipdir. Meret oňa diýen wagty maşyn iberipdir.
Şol gün Köşkde Prezident, öz orunbasarlarynyň, komissiýanyň çlenleriniň gatnaşmagynda Döwlet gimniniň sazynyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşypdyr. Ondan öňünçäsi Weli Muhadow dagylar saýlanylyp alnan üç notanyň üçüsinem horuň gatnaşmagynda radioda ýazgy edipdirler. “Alty sagatlap aýak üstünde durup ýazdyk. Şol üç eseriň biriniň gimn üçin ýarajakdygyny Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasaryna aýdypdyr. Ol eser kompozitor Baýram Hudaýnazarowyň halk sazy “Nar agajy” sazynyň esasynda ýazan eseridi. Weli aga soň maňa “Gürrüň öz aramyzda galsyn. Onuň partiturasyna we beýleki zatlaryna özüm göz gezdirdim” diýdi.

Prezident şo maslahatda Weli aga hakda gürrüň edip, onuň adyny iki ýerde Weli Ahmedow diýip tutupdyr.. “Ikisinde-de turup, düzediş berdim” diýip aýtdy.
Düýn“Watannamanyň” tekstiniň käbir ýerine göz gezdirdik. “Türkmenistan bagy-bossan” atly täze kantatanyň başyny başladyk. Ol sazyny çalýar. Men bolsa şo heňe laýyk sözler tapmaly. Ýeňil iş däl. Bolsa-da günortan 12-ä çenli gowy işledik.
Şu günem irden sagat 10-a 15 minut galanda Weli Muhadowiçiň öýüne bardym. Adygül gelnejemiz “Baryberiň. Garaşyp dur” diýdi. Gowy işledik. 12-iň ýarynda kantatanyň sözlerini ýazyp gutardyk.

26.10.96.

Şu gün ýaňyja 1758-de Garaşsyzlygyň bäş ýyllygyna bagyşlanan hökümet baýramçylyk konserti tamam boldy (TW).
Weli Muhadow meniň sözlerime “Watannama” aýdymyny ýazypdy. Şu konsertde horuň we ýekelikde A.Garýagdyýewiň ýerine ýetirmeginde (200 adam) aýdylmalydy. Aýtdyrmadylar. Weli Muhadow bir aýlap diýen ýaly repetisiýalara özi gatnaşyp, aýdymy öwretdi. Men jähennem, muňa öwrenişikli weli, 80 ýaşly gojanyň ýüreginden tutmasa ýagşy.
Oktýabryň 23-ne Garaşsyzlygyň 5 ýyllygyna yglan edilen konkursda (TDP-niň Syýasy Sowetiniň konkursy) W. Muhadow bilen ýazan “Watannama” atly solist, hor we simfoniki orkestr üçin ýazan aýdymymyza 2-nji baýrak, Aman Ussaýewiň “Türkmenbaşyň çynarlary” (sözleri A.Çüriýewiňki) atly aýdymyna höweslendiriji baýrak, öz goşgular toplumyma hem höweslendiriji baýrak berlipdir. Şonda Hudaýberdi Diwangulyýew meniň goşgularym hakda 2-3 gezek çykyş edip, meni goldapdyr.

* * *

30.10.96.

28-ne Serdaryň maşynyny alyp şähere gitdim. Seýit ýegeni soradyk. Horlanypdyr, garny çişýär.

Gaýdyşyn Meretlere sowlup bir käse çaý içdik. Weli Muhadowyň öýüne jaň edip, baýrak bilen gutladym. Menem gutlady. “Birküç ýerde adyň tutuldy” diýdi.
Baýramçylyk konsertinde “Watannamanyň” aýdylmanlygyna gynanypdyr. “Muň ýaly zady men şu ýaşan ömrümde birinji gezek gabat gelýän. Ýöne muň ýaly zatlar öňler taryhda seýrek bolýan eken. Taryhdan okapdym. Şeýtseler, aýdymçyny ýa-da sazandany 2-nji etaždan başaşak sallap goýaýýan ekenler. Men düýn Atageldi Garýagda jaň etdim. “Içim agyrdy. Temperaturam galdy” diýip aýtdy. Men “Muň ýaly zatda öňünden habar edilýär. Gaty podwodit etdiň” diýip aýtdym” diýdi.“Her niçigem bolsa, men-ä oňa “Konserte gatnaşma” diýipdirler. Men muny şondan (Oraz Aýdogdydan – A.Ç.) görýän” diýdi.
“Gaty gowy doganyň bar. Ýürekdeş dogan” diýip Meredi öwdi. Men hakda “Men öň köp awtorlar bilen işleşip gördüm. Seni olardan ökde, talantly gördüm. Muny men seni öwmek üçin däl, hakykaty aýdýan. Men ýalan sözlän adam däl” diýdi.
Men Weli aga hoşniýetli sözleri üçin minnetdarlyk bildirdim.
– “Günüň öňüni eliň aýasy bilen ýapyp bolanok. “Watannama-da” şu gün aýdylmasa, ertir, ertir bolmasa, ýene bir gün aýdylar” – diýdim.
– Hawa, noýabrda ýa-da dekabrda meniň 80 ýaş ýubileýim bellenjek. (Ozal bellenmän eken). Şonda birinji şol aýdymy aýtdyrarys.
Häzirem kantatanyň (“Türkmenistan – bagy-bossan”. Täze ýazdyk. – A.Ç.) üstünde gije-gündiz işleýän. Bitaraplygyň bir ýyllygyna ýetişdirseň diýip gyssaýarlar. Başky deklamasiýasyny gaty gowy ýazypsyň – diýdi. Başga-da aýtmaly zadym, etjek zatlarymyz bar. Ýöne ony telefonda aýtmaýyn, duşuşamyzda aýdaryn – diýdi.
Onuň bilen hoşlaşyp, Gäminiň keselhanasyna Orazgülüň aýal dogany Döndini soramaga geldik. Aýagyny operasiýa etmeli diýýärler.
Baş wraç Garrynohurdan eken; Nury Otuzow. Seýit ýegeniň garyndaşam bolmagy ahmal. Işinde ýok, öýüni salgy alyp bardyk. Aýaly bilen gürleşdik. Garyndaş bolup çykdy.” Agşam özüne aýdaryn. Ertir sagat 8-de keselhana getiriň” diýdi. Yzymyza –

Aşgabada gidip, Seýit ýegene aýtdyk. Razylaşdy. Henize çenli analizem tabşyrmandyr. (1 aýdan gowrak öýünde – terkidünýä bolup ýatan adam-da). Begendi.
– Ertir irden menem Änewden Gämä bararyn – diýdim. Irden bardym. Nury daşarda garaşyp duran eken. Birinji gezek görşüm. Gowy garşylady. Eýýäm palata ýerleşdiripdir. Gyzy ýanynda. Bejeriji wraç – Şamyrat Saparow. Agasyny – Gara neressäni tanaýardym. Gowy wraç.
– Arkaýyn bol. Serederis – diýdiler.
Düýn çagalara kompozitor Rejep Rejebow meni sorap jaň edipdir. “Allaýar maňa jaň etsin” diýipdir.
Şu gün Serdara jaň et diýip haýyş etdim.
Aýdym üçin goşgy gerek bolmagy mümkin.

10.11.96.

Şäherden geldik. Nursähet Baýramsähedow ýogalypdyr diýen habary aýtdylar. 5-10 günden bäri keselhanada ýatan eken. Ysmaz. Beýnisine gan urupdyr. Ýatan ýeriň ýagty bolsun!

* * *

1.XII.96.

“Türkmen sesi“ gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary, žurnalist dostumyz Baýram Aýdogdyýew noýabryň ahyrlarynda ýogalypdyr. Ýatan ýeriň ýagty bolsun, dost!
29-njy noýabrda Weli Muhadowyň 80 ýyllyk ýaşynyň toýy opera we balet teatrynda bellenipdir. Weli aganyň özi we Mämi Çary Merediň iş ýerine barypdyrlar. Çakylyk hatyny beripdirler. “Allaýar gelsin” diýipdir.
Baryp bilmedim. “Watannamany” aýdanlarynda tomaşaçylar ör turup, el çarpypdyrlar. Gowy garşylapdyrlar.
Ýöne weli dabara ne medeniýet ministri, ne-de orunbasarlary, medeniýet ministrliginden hiç kim gatnaşmandyr. “Ýöne halk sylady. Köp adam geldi” diýip, Weli aga Merede jaňlaşanda aýdypdyr.

22.04.97.

Düýn Rahym Esenow Merediň iş ýerine jaň edip, meni sorapdyr. Agşam Merede jaň etdim. “Rahym Esen sorap jaň etdi, habarlaşaý” diýdi.
– Men seni žurnalda işläp ýörmükäň diýipdirin. Änewde ýaşaýan ekeniň. Köne telefonyňa gaty kän jaň etdim. Hiç kim trubkany alanok – diýdi. Baýram (B.Jütdiýew) “Inisi Meret Çüriýewe jaň edäý. Şol aýdar” diýensoň, men oňa jaň etdim – diýdi. Men uly bir monografiýa ýazýan. Şo ýerde men seniň makalaňa salgylanýan. (Nedirbaý Aýtakow hakdaky makala – A.Ç.). Şoň çykan ýyly, aýy gerek. Kyn görmeseň, aýdaýsaň – diýdi.
Men ertesi – şu gün jaň edip, ol makalanyň “Oktýabryň ýalkymy” gazetinde (1984.15.VI.) çykandygyny aýtsam, ol:
– “Turkmenksaýa iskra” gazetinde-de çykan eken. Ýöne näme üçindir, wyrezka edipdirin, çykan wagtyny bellemändirin. Kyn görmeseň şonam biläýseň. Sebäbi meniň işim ruçsa. Salgylanýanym hem türkmençe gazet bolsa birhiliräk. Aýtsaň ikisine-de salgylanaryn. Adyňam agzaýan – diýdi. Tumailow hakdaky makalaňy hem ýygnap goýupdym. Moskwa gidemde arhiwden onuň Troskä ýazan hatlaryny tapdym. Originaly Aşgabatda – diýdiler – diýdi. Ýöne bärde arhiwiň başlygy Maýa Mollaýewna onuň delosyny berenok, näme üçindir – diýdi. Sen bu ugurda köp işler bitirdiň, Allaýar jan! – diýdi.
Soň ondan-mundan gürrüň edip, hoşlaşdyk.
Aşyryň firmasynda polkownik Ýewgeniý Konstantinowiç Razmahow oturan eken. Iżewskide milisiýa mekdebinde işleýär. Aşyr bilen milisiýa mekdebinde bile işleşen. Ýönekeý adam. Maňa «Awtograf ýazyp, kitabyňy sowgat et” diýip haýyş etdi. “Seň ýaly adamlaryň gadyry başga hili bolmalydyr” diýip göwnümi göterdi. “Indiki gezek gelemde dertleriňden saplanarsyň” diýip aýtdy.

8.05.97.

Türkmen telewideniýesiniň Ahal welaýaty boýunça habarçysy, ökde žurnalist Silgeldi Akmyrat mellekde ýetişdiren bugdaýymy, güllerimi görüp, «Surata düşüreli” diýdi. Göwnemändim. Ondan bäri bir ýyl töweregi geçdi.
Silgeldi gelip, bugdaýlarymy görüp haýran galdy. “Surata

düşüreli” diýdi. “Bermezler” diýdim. “Ýok, bererler. Men “Säher salamynyň” başlygy Akmyrat Hudaýberdi bilen gürleşdim, “bolýar” diýip aýtdy diýensoň razylyk berdim.
5-nji maýda ol operator Hajy bilen meni bugdaýyň fonunda surata düşürdiler, gepletdiler garaz. Ýagyşam ýagyp bildi.
7-nji maýda Silgeldi gelip, birigün “Sag-aman ördüňizmi” diýen gepleşikde gider” diýdi. Döwlet Annamyrat diýen birine gol çekdirjek bolanda, ol “Berip bolmaz” diýipdir. Esenguly Aman hem (Ahal welaýaty boýunça habarçylaryň başlygy eken) “Näme gerek?” diýen eken.
Şondan soň ol baş direktor Baýramgylyç Şagylyjyň ýanyna baryp, gol çekdiripdir. “Allaýar näme döwlet jenaýatçysymy?” diýip, gol çekipdir.
Adam bilen adamyň gör, nähili parhy bar!

29.07.97.

7-nji iýulda “Galkynyş” gazetinde bölüm müdiri bolup işe başladym. Meretmuhammet Bäherden etrabynyň häkimi bolup işe başlady. Merjenem Aşgabatda çagalar bagynda terbiýeçi bolup işe başlady. Bir günde üç adam täze işe başlady. Şondan öňinçä Meredi Prezidentimiz ýanyna çagyryp, ýarym sagat töweregi gürrüňdeş bolupdyr.
Merede Bäherdeniň häkimligini teklip edip, “Iki ýyl işläp ber” diýipdir. Meret razyçylyk beripdir we gürrüňiniň bir ýerinde Prezident “Allaýaryň ýazan zatlaryny okaýaryn. Soňky ýazan zatlary üçinem sag bolsun. Gowy” diýipdir. Şonda Meret meniň zatlarymy çykarmak üçin päsgelçilik döredýändiklerini, geçen ýylda-da žurnala işe çagyryp, bir günden soňam meseläni başgaça çözendiklerini aýdanda, ol “Allaýary horlatmaryn” diýýär. Meret meniň zawodda bagbançylyk edýändigimi aýdýar. Şonda ol „Täze gazetler açyldy, ýene bir hepdeden meniň işim bilen baglanyşykly meseläniň oňyn çözüljekdigini aýdýar. Meret meniň üçin “Galkynyşyň” gowy boljakdygyny aýdýar. Şol gün Serdarymyz O. Aýdogdyýewe meniň meselämiň oňyn çözülmelidigini tabşyrýar. Ol hem O. Musaýewe (TDP-niň Syýasy Sowetiniň I sekretary) jaň edip Çüriýewiň ertir irden öz ýanyna

gelmelidigini aýdýar. Ol şonda O. Musaýewe meniň bilen Moskwada bile okandygyny, adamkärçilikdigimi aýdýar.
Men irden Onjyk Musaýewiçiň ýanyna bardym. Men onuň bilen bir ýyldan gowrak duşuşmandym. Gadyrly görüşdik. Ol O.Aýdogdyýewe jaň etdi. Meniň talantlydygymy, şonuň üçinem maňa pesinden zamredaktorlyk bolsa gowy boljakdygyny teklip etdi.
Men onuň ýanyndan çykyp, O.Aýdogdyýewiň ýanyna girdim. Kabulhanada meni onuň kömekçisi, şahyr Akmyrat Muhadow garşylap, onuň ýanyna äkitdi. Aýdogdyýew özleriniň “Galkynyş” gazetini açandyklaryny, oňa güýçli işgärler toplaýandyklaryny, men hakda Serdarymyz bilen gürleşendigini aýtdy. Men minnetdarlyk bildirdim. Ol “Galkynyşyň” baş redaktory Hudaýberdi Diwangulyýewe jaň edip “Çüriýewi ikimiz işe ýerleşdirmeli” diýdi. Bölüm müdiriniň aýlygyny sorady.
Ondan çykyp, H.Diwangulyýewiň ýanyna bardym. Şol gün bäşinji gündi. Gujaklaşyp görüşdik. Onuň bilen megerem üç ýyldan gowrak bäri görüşmändim. Men 1971-nji ýylda “Ýaşkom” gazetinde işe başlamda, ilkinji redaktorym bolupdy.
“Birinji gün gelersiň, arkaýyn işe başlarsyň” diýdi.

* * *

5.08.97.

“Galkynyş” gazetiniň şu günki sanynda Weli Muhatow bilen ýazan “Watannama” atly aýdymymyzyň teksti bilen nota ýazgysy çap edildi.
Weli Muhatowiçiň öýüne bardym. Howlusyndaky jaýynda işläp oturan eken.
Sakgalyny 3-4 günden bäri syrmaýana meňzeýär. Soňky gezek ony ýylyň başraklarynda görüpdim. Göwnüme bolmasa, has gojalan ýaly. Tanap, begendi. “Gel, geç” diýip.
Täze eseriň üstünde işleýän eken. Simfoniýa – rekwiýem bolmaly. Türkleriň zakazy boýunça. Başy täsirli. Iki gezek çalyp berdi. Çankalada türkleriň gyrgynçylyga berlişi hakda.
“Türkmenistan – bagy-bossan” atly kantatamyzy Medeniýet ministrligi satyn almandyr. Alaýanda-da arzan bahadan almakçy bolupdyr. Ministrden öýkeli.

“Başarsam Türkiýä gitjek. Olar bilen şu howadan dem alasym gelenok. Jesedim türk topragynda galsyn” diýdi. Men köşeşdirjek boldum. “Men seni öz inim ýaly görýän. Muny diňe saňa aýdýan” diýdi. Elbetde, ol ähli zatdan habarly. Çünki özüniň 80 ýaş ýubileýini hem ýokary derejede geçirilmändigindenem, radio-telewideniýede birnäçe ýazgysynyň öçürilendiginem, ýazan zatlarynyň satyn alynmaýandygyndanam, garaz, sarpaly adam hökmünde üns berilmeýändigindenem närazy. Beýle zehinli ussat adamlar gaty seýrek döreýär. Garry göwün hoş söze mätäç.
“Men hiç haçan Kompartiýanyň hatarynda bolmadym. Eger kommunistler geläýse, onda men ilkinji bolup Kompartiýa girerdim” diýdi.
Ýaşula Medeniýet ministrliginden hemaýat gerek!
“Men näsag. Sanalgyja günüm galdy. Şu simfoniýam gutaryp bilsem bolýa” diýdi. Indiki gezek üçünji sinfoniýasynyň ýazgysyny maňa diňletjekdigini aýtdy.
Merediň Bäherdene häkim bolup gidenligine aýaly ikisiniň gynanandygyny, sebäbi onuň agyr raýondygyny aýdyp, “Meret beýik adam” diýdi. Aýaly “Aşgabatda hossarymyzdy” diýdi.

22.11.97.

20-nji noýabr güni (dördünji gün) kompozitor Ata Esadowyň Baýram atly oglunyň ýyly bellenilýän eken, žurnalist Kakabaý Gurbanow bilen görneli diýdik. Neressäň ýogalanyny soň eşitdim, soňam görnüp bilmedim. Ata aganyň öýüniň ýanyndan režissýor Durdymämmet Oraýew öňümizden çykdy. Saglyk-amanlykdan soň, ol “Allaýar men seni görmänine 180 ýyl dagy bolaýdy öýdýän” diýdi.
Barsak, daşarda stol goýlupdyr. Poda Annaorazow oturan eken (Aşgabat obkomynyň öňki 1-nji sekretary). Ata Esadowa gynanç bildirdik.
Görmänime 3-4 ýyl boldy, horlanypdyr. “Bä-ä senem görmek bar ekeni-ow” diýdi. Meni ýaşuly bilen tanyşdyrdy. Soňra Allanazar Rejebow (Baý aga), kompozitorlar Rejep Allaýarow, Atda Çaryýew, yzysüre Aşyr Mämiliýew dagy geldi. Ata aganyň goňşusy

Annageldi Jülgäýew geldi. Annageldi gürrüň arasynda gülüşdirmek üçin “Ejem pahyr ölmese-de ölmezdi, “Haçan Annageldi bir manat getirerkä” diýip garaşdy ýördi” diýdi. Ol muny özleriniň hemişe gastrolda bolandyklary üçin aýdýar. “Indi Hudaýa şükür, aýlyga daňlyp otyrys” diýdi.“Ozallar ussat öz şägirdine dutary götertse göterdýän eken, indikiler öz okuwçylaryndan pul talap edýärler” diýdi.

“Bir gezek Jüneýit han Magtymguly Garlynyň yzyndan atlylaryny iberipdir. Bagşy olardan “Han nämüçin çagyrýar” diýip soranda, “Aýdym diňlejek” diýipdirler. “Onuň ýaly bolsa işi haýyr” diýipdir, bagşy.

Bir gezegem Jüneýit han Sary bagşynyň yzyndan atlylaryny iberende bagşy olaryň habaryny alyp: “Han agaňyzyň aýdym diňlejegi çyny bolsa özi gelsin” diýip jogap beripdir” diýip, Annageldi aýtdy.

Poda Annaoraz gürrüňe goşuldy: “XIX asyryň ikinji ýarymy hemem XX asyr türkmeniň milli sungatynyň ösen wagty” diýdi.

Suhan Babaýewiň şofýory bolup işlän Geldi aga (Ata aganyň dogany bolsa gerek, gaty meňzeş) diýilýäni hem gürrüňçil adam eken.

Ellinji ýyllarda Sahy Jepbarow partiýa hataryndan öçürilip, basylmaga golaý edilip goýlan eken. Şol günleriň birinde Suhan Babaýew Daşhowza barýar. Muny eşiden Magtymguly Garly hem onuň ýanyna barýar.

“Suhan, türkmende iki sany bilbil bardyr. Biri-hä men, birisem Sahydyr” diýip, onuň başyna inen kyýamaty gynanyp gürrüň berýär. Oňa hemaýat etmegini soraýar. Suhan Babaýew Aşgabada jaň edip, “Adama bir nakazaniýe bes, ony basjak bolup ýörmäň” diýipdir. Şeýdibem Magtymguly aga Sahyny türmeden alyp galypdyr diýýär.

Çykamyzda kompozitor, filarmoniýanyň direktory Mämi Çara gabat geldim. “Weli Muhadow bilen ýazan aýdymyňyzy zapis etdik. Diňlediňmi? diýdi. “Ýok, men Moskwada boldum” diýdim. “Habarlaşarys” diýdi.

21-ne Kakabaý Gurban bilen onuň garyndaşynyň hudaýýolusyna göründim. Aman Saryjaýew diýip köne komsomol eken (60-njy ýyllaryň ahyrlary).

“Ýaşkom” gazetinde işlämde 1972-nji ýylda aýna kombinatyndan bir sahypalyk material taýýarlapdym. Şonda Aman kombinatyň ýa partkomynyň sekterarydy ýa-da direktoryň orunbasarydy. Şu geçen döwrüň içinde ol aýna kombinatyna ýolbaşçylyk edipdir. Ýaňy birküç aýlykda onuň ýerine Ýagmyr Öwezowy goýupdyrlar. Şu üç aýyň içinde 200-den gowrak adam kombinatdan işden gidipdir. Ýagmyr Daşhowuz welaýatynyň häkimi bolup işlände şäher häkimi Sapargeldi Motaýew bilen oňuşmandyr. Sözi azaşypdyr. Sögen bolmaga çemeli. Motaýew kabineti ýapyp, ony ýenjipdir.
Şondan soň Ýagmyr Öwez Aşgabada gaýtmaly bolupdyr.
“Häzir nirede işleýäň?” diýip sorasam, “Firmalaryň birinde” diýdi.
Podwoýskiý bile Jepbarow köçesiniň ugrundaky kwartalda ýaşaýan eken. Jaýlaryny ýykypdyrlar. Köpden bäri jaýsyz. Gylyçmyrat Sähetmyradowyň goňşusy eken. Oňam jaýy ýykylypdyr. Sähetmyradowyň özi sekretar SK bolup işleýän döwri “ýaşap ýören jaýym ýykylar. Çagalar jaýsyz galar” diýip bir pikir etdimikä?

28.12.97.

23-nji dekabrda Türkmenistanyň zehinli žurnalisti, atşynas sport žurnalisti Pirguly Garaýewiň ýogalandygyny aýtdylar.
Gündiz sagat 3-de alyp çykdylar. Garadamak öwlüýäsinde jaýladylar. Täze mazarlaryň sany-sajagy ýok.
Pirgulynyň ýüreginden tutupdyr. Soň eşidişime görä (Sona Ýazowa aýtdy) ony birki hepde mundan öň Teleradionyň başlygy Gylyçmyrat Kakabaýewiň buýrugy bilen işden çykarypdyrlar. Pirguly bolsa işe dikeltmekleri üçin medeniýet işgärleri profsoýuzyna (Rejepdurdy Ýazowa) ýüz tutup, “Meni işe dikeltseňiz bolýar. Özüm işden gitjek” diýipdir. Ony işden nähak çykarylandygyny, işe dikeldilmeginiň gerekdigini profsoýuz aýdypdyr. Bu adalatly begençli habara Pirgulynyň ýüregi çydamandyr.
Jaýlan günümiz onuň täze bir gepleşigi 1320-de efire gitmeli eken.
Düýn montaž işlerini gutaryp, öýüne gaýdyp gelen ekeni.

(Režissýory Guwanç Agaýew, redaktory Agamyrat Atanyýazow). Jaýlanan güni Teleradionyň ýolbaşçylaryndan ýekejesi-de gatnaşmady. Ine, saňa adamkärçilik. Türkmençilik hakda agyzlarynda iş gatyklaýarlar. Eşidişime görä, Pirgulynyň gününe düşüp ýören bir ýa iki däl öýdýän. Bu näme özüňe ýaramaýan adamdan dynmagyň bir usulymyka?

30.07.98.

28-nji iýul güni, sagat üçden 20 minut töweregi işlände jaň geldi. Bäherdenden Meret saglyk-amanlykdan soň "Bizem ýene 40 minutdan Aşgabada ugraýas" diýdi. Anykladym. "Ýene 40 minutdan ýygnak boljak. Işden boşadýarlar. Düýpleýin gidýän" diýdi.
"Gaty gowy. Gözüň aýdyň. Geliber" diýip aýtdym.
Ýygnaga welaýat häkimi Kakajan Täşliýew, welaýat KNB-niň başlygy gatnaşypdyrlar. Irden Ministrler Kabinetiniň mejlisi geçende Prezidentimiz S.A.Nyýazow Bäherden we Aşgabat etraplarynyň häkimlerini işden boşatmalydygyny aýdan eken. Muny biz soň agşam TW-de gördük. Etrap ýygnagynda welaýat KNB-siniň başlygy "Meret işlän döwründe etrapda parahorluk gürrüňi ýatdy" diýip aýdypdyr.
Permanda aýdylyşy ýaly, "Işini oňarmanlygy üçin" boşadylýar.
Ýöne işlän bir ýylynyň içinde ol şu ýylyň bugdaý hasylyny 40 müň tonna ýetirdi. Geçen ýyl 16 müň tonna. Hasyllylyk üç esse artypdyr. Işini oňarmaýan adam şeýle üstünlik gazanarmy?
Meret çykyşynda "Prezidentiň özi meni etrapda iki ýyl häkim bolup işläp ber" diýip haýyş etdi, "Işledim. Ýene-de näme iş tabşyrsa başardygymdan işläp bererin" diýipdir.
Agşam öýüne bardyk. Gelen ekeni. Keýpi erbet däl.
Beýleki häkimler ýaly kaşaň jaý salynmady, özüne 50 gektar mülk edinmedi.
Entek iş hödür edenoklar.

21.11.98.

Düýn D.Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişesinde agşam ýediň ýarynda Weli Muhadowyň awtorlyk agşamy boldy. Meni ýaşulyň özi çagyrdy. Işden irräk boşap, bir ýyldan bäri ýatygly Rahman

agany (R.Öwezowy, onuň bilen biz “Edebiýat we sungat” gazetinde işläpdik. Ol baş redaktoryň orunbasary, men bolsa jogapkär sekretar bolup işläpdim) sorap, konserte ýetişdim.
Üçünji etažda, orkestr sahnada, zalda adamlar. Gapynyň agzynda duran bagşy ýigit Annamämmet Annamämmedow bilen gyssagly salamlaşyp, öňki hatarda oturdym. “Weli Muhadow gatnaşdy, ýanyna geçäý” diýdi. Konsert meniň sözlerime “Baýramçylyk kantatasy” bilen açyldy.
Roza Töräýewa bilen Nowruz Mämmedowyň ýerine ýetirmeginde uly hor gatnaşdy. Simfoniki orkestr çaldy.
Gowy garşylandy.
Konsert meniň sözlerime ”Watannama” aýdymy bilen tamamlandy.
Bulardan başga-da ýaşulynyň skripka, fortepýano we simfoniki orkestr üçin iki eserini ýerine ýetirdiler. Zal kompozitory uly şowhun bilen garşylady. Dirižýory Aşyr Hojatow zehinli ýigit. Orazgül Annamyradowa fortepýanoda saz çaldy.
Konserte daşary ýurtlardan myhmanlar bar. Şeýle hem Baýram Jütdiýew, Annageldi Jülgäýew, Aman Agajykow, Yzzat Gylyjow we beýleki görnükli adamlar bar.
Weli Muhadow bilen gujaklaşdyk. Gutladym. “Razy bolsaň bolýa” diýdi. Meni daşary ýurtly myhmanlar – iki sany zenan bilen hem tanyşdyryp, “Ine, awtor. Zameçatelnyý çelowek” diýip öwdi.
Tanyş adamlaryň köpüsi meni hem awtor hökmünde gutladylar.
Filarmoniýanyň direktory, konsertiň guramaçysy ussat aýdymçy Mämi Çaryýew “Gal, kiçiräk çaý içişlik etjek” diýip mürähet etdi. Men gyssanýandygymy aýdyp, onuň bilen hoşlaşdym. Öýe, Änewe gaýtdym. Ýolda şahyr Hudaýguly Allamyradowy maşynly öýüne eltdim.

28.IV.1999 ý.

26-njy aprel güni irden Orazgül bilen Turany Eneçeperlerde (Etrek köçesi, 71) goýdum. Mekan ýegen şu gün irden Harkowdan bir hepdelik kanikula gelmeli. Entäk gelmän eken. Işe tarap ýola düşdüm. Yzymdan maşyn ýetip sakladylar. Mekan ýegen, Rüstem, Jahan, Mişa we Sylap (Pirnazaryň şofýory) maşyndan düşüp meniň bilen görüşdiler. Mekan ýegen öňküden

daýawlanypdyr.
Hoşlaşyp, işe gaýtdym. Pirnazar Gyzylarbatdan jaň etdi. “Orazgeldi diýip biri barar, şonuň dilegini bitir” diýdi. Sagat 12-lerde ol oglan bilen habarlaşdym. Pirnazar bilen gürleşip trubkany goýanymdan soň ýene jaň geldi.
Galdyrdym. Orazgül Eneçeperlerden jaň edip, Pirnazaryň haýyşyny aýtdy. Sesini çalaja üýtgedibräk: “Tanadyňmy?” diýdi. Menem: “Öz-ä bir tanyş ses” diýdim. “Turan dawleniýäňi soraýar. Nähili dawleniň?” diýdi. “Dawlenim bar. Öýe gitjek” diýdim. Bu meniň Orazgülüň sesini iň soňky gezek eşitdigim eken.
Sagat 3-den işlände Gowudandaky stoýanka baryp, maşynyň ojuk-bujuk ýerlerine seretdirdim. Şo wagtlar birhili ýüregim sançýan ýaly boldy. Özümi birhili agyr duýdum. Änewe, öýe gaýtmakçy boldum. Birdenem Baýjan bilen maslahatlaşaýyn diýip, olaryň öýüne sowuldym. Merkezi kitaphanada Ata Abdyýew 50 ýaşym mynasybetli men hakda bibliografik sprawoçnik taýýarlaýar.“Işi tamamladym. Gaty gowy işlän ekeniň. 2000 nazwaniýe dagy bar. Kompýuterde ýygmak üçin goňşym Hemra Şirow “Allaýar meniň köne dostum. Arzan ýygdyrarys” diýipdir. Men Ata “Bolýa, ertir gürleşäýeris” diýdim.
Şu mesele hakda «Nireden sponsor tapyp borka?” diýip, Baýjana sala salyp otyrkam, jaň geldi. Baýjanyň ýüzi, sesi üýtgedi. Pirnazar (ol Gyzylarbat etrabynyň häkimidi) jaň edip, “Hemmäňiz gaýdyň, awariýa boldy” diýen eken. Mundan öňinçä, edil bäş minut öň onuň aýaly Eneçeper jaň edip, “Mekan dagy haçan ugrady. Henizem Gyzylarbada gelenoklar” diýip biynjalyk bolup jaň edipdi.
Biz ýola düşdük.
Bäherdeniň keselhanasyna sowuldyk. Garawul: “Ölüm-ýitimem bar ýaly” diýdi. Eneçeper şo ýerde eken.“Orazgül ýogaldy” diýdi.

Hemmämizem gaty erbet bolduk. Ilk-ä doňan ýaly boldum. Soňam özüme gelen ýaly bolup, çaga ýaly agladym. Eneçeperi köşeşdirmek iş. Aýmyrat (Balkan welaýatynyň häkiminiň birinji orunbasary) “Gyzylarbatdan jaň etdiler. Mekanam öli. Garaşýarlar. Eneçeperi gyssagly äkidiň” diýdi. Aýtman,

Eneçeperi alyp ýola düşdük. Gyzylarbat bolnisasynyň öňündк adam bary ýygnanyşyp durlar.
Turan bilen Rüstem şo ýerde ýerleşdirilipdir. Ýanlaryna goýbermediler.
Orazgülüň ýüzüni görer ýaly däl. Urgy agyr bolupdyr. Ol Mekan ýegeniň yzynda oturan eken. Turan Mekanyň sag gapdalynda, Rüstem yzda ýatan eken. Jahanam onuň ýanynda. Orazgül awariýa bolmazyndan sähelçe öňünden: “Mekan, ýuwaş sür. Sen meniň dişimi dökdüň” diýipdir.
Maşynyň tizligi gaty ýokary bolmaly. Netijesem ine, şeýle. Gije sagat 12-den işlände Mekan bilen Orazgüli Aşgabada alyp gaýtdyk…
Ertesi sagat 10-da Garadamaga jaýlamaga äkitdik. 11-de jaýladyk. Jaýlap bolanymyzdan 5-10 minutdan soň Mekan ýegeniň tabydyny getirdiler. Ikisinem bir ýerde, ýanaşyk jaýladyk.
Bu zatlary ýazmak meniň üçin gaty agyr.
Men şu ýylyň iýul aýynyň 15-ne 50 ýaşamaly, nikalaşanymyza-da iýulyň 14-ine 30 ýyl dolýar. 3-nji sentýabrda bolsa Orazgül 50 ýaşamalydy. Barysy puç boldy. Aýralyk, gör, nähili ýowuz aýralyk. Çekmeli, çydamaly, başga ýol ýok.
Orazgül bilen Mekany 27-nji aprelde ýere duwladyk.. (musulman hasabynda ýogalan güni aşyr aýynyň 10-y, jaýlan günümiz aşyr aýynyň 11-i).
Orazgüli öýden alyp çykanlarynda, Turanyň ogly Kakajan “Enemi nirä äkidýäňiz? Äkitmäň” diýip uly ses edipdir. Muny maňa soň aýtdylar.
Imrany ( agtygym, şo wagtlar 5 ýaşlarynda) bolsa ertesi getirdiler. Ol: «Enemiň aýagy döwlüpdir. Bolnisada” diýdi. “Turanam bolnisada” diýip aýtdy.
Şu gün Turany, Rüstemi, Jahany wertolýotly Aşgabada getiripdirler.
Turan Nyýazow bolnisasynyň reanimasiýasynda. Olar hem çagalar bolnisasynda. Soň Serdar bilen Rahat görüp geldiler. Ertir ony Änew ýolundaky trawmatologiýa geçirjekler diýdiler.

3.04.2000 ý.

Şu gün komissiýa boldy. Geçen ýylyň 1-nji dekabryndan bäri näsag. Işe çykmadym. Üç gezek yzly-yzyna keselhanada ýatmaly boldum. Üçünji sapar baş keseli bilen ýatdym. (Ýazwa želudka). Gan gaýtardym.
Işe ýarajak däl. Ýöremek kyn. Kellämden agyr zat asylyp duran ýaly. Elim hasaly.
Komissiýada 2-nji topar maýyplyk hatyny berdiler. Bir ýyllyk. Belki, hemme zat düzeläýedi-dä!
Şu gün Azat Rahmanow ("Edebiýat we sungat" gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary) jaň edip, "Siziň bilen bir owadan zenan gürleşmekçi" diýip, trubkany Tagangül Taganowa berdi. "Derdiňi men alaýyn"diýip, Tagangül doganlarça hal-ahwalymy soraşdyrdy.
Elli ýaşyňda işe ýarawsyz maýyplyk! Beterinden saklasyn!

* * *

26.04.2000 ý.

Şu gün Orazgülüň ýogalanyna göni bir ýyl dolýar. Edil şu gün irden Baýram daýzamyň ýogalandygy hakda habar geldi. Iki doganyň ölüminiň bir güne düşäýşini!? Ertir Orazgülüň ýylyny bellejek.

14.06.2000.

13-nji maýda gan basyşym has ýokary galdy. "Tiz kömek çagyrdym. "Krasnyý krestiň" kardiologiýa bölümine ýerleşdirdiler. Birküç gün geçensoň, bölümiň ýolbaşçysy akademik Aşyr Çaryýew aýlanyp, meni bir adamlyk palata geçirtdi (6-njy palata – Çehow). Gapdalymdaky palatada Juma Köýnekow (Ellinji ýyllarda Çärjewde, Maryda partiýanyň obkomynyň birinji sekretary, Içeri işler ministriniň birinji orunbasary… bolup işlän) bar eken. Ol meni derrew tanady. Ýanynda gyzy bar eken.
"Güýzde 80 ýaşaýan, şondan soň ölsem armanym ýok" diýdi. Ýatkeşligi juda gowy. Bir hepde töweregi bile bolduk.
Birtopar adamlar hakda gürrüň berdi. Çärjew obkomynyň I

sekretary bolup işleýärkä ony Jumadurdy Garaýewiň teklibi boýunça Mara geçirýärler. Geçmejek bolup köp boýun towlaýar. Kremlde SSKP MK-da onuň bilen MK-nyň sekretary Roman Kozlow söhbetdeş bolýar. Ol şonda Kozlowdan iki zady haýyş edýär. Birinjiden, Maryda kanalyň ugrunda drenaž gurdurmagy we ýüpek pagtany azaldyp ekmäge rugsat bermegi haýyş edýär. “Birinjiňe kömek ederis, ikinji meseläň çylşyrymly. Sebäbi bu import-eksport bilen bagly mesele” – diýýär.
Kozlowy Türkmenistana çagyrýar. (Dogrudanam köp wagt geçmänke Kozlow Aşgabada geldi. Biz çagadyk. Ýadyma düşýär). Şonda ol Juma Köýnekowy ýatlaýar we onuň bilen söhbetdeş bolýar. (J. Köýnekow o wagt içeri işler ministriniň orunbasary bolup işleýän eken).
SSKP MK-da bolan söhbetdeşlikde M. Gapurow hem kabulhanada oturan eken. Ony Köýnekow özlerine – Çärjew obkomynyň I sekretarlygyna hödürläpdir. “Oňararmy, munuň komsomoldan başga işlän ýeri ýok. Hojalyk işlerini görmändir” diýip, Kozlow sorasa “Oňarar” diýipdir. “Bolýar. Onda işini oňarmasa, biz senden sorarys” diýip, Kozlow aýdypdyr. Gapurowy çagyrýarlar. “Köýnekow seni öz ýerine hödürleýär” diýse, “Juma Köýnekowiç meni adam etdi” diýip, Gapurow jogap berýär. Köýnekow bolsa “Men seni adam edemok, men seni terbiýeledim” diýipdir. “Şonda-da bir düzüwli jogap berip bilmedi. Peltekläp otyr” diýip, ýaşuly aýtdy.

* * *

Suhan Babaýewi işden aýyrdylar. Moskwa ýygnaga bardyk. Jumadurdy Garaýew I sekretar, Balyş Öwez Sowmin, Orazgeldi Ärsaryýew başlyk, Nurberdi Baýramow Prezidiumyň başlygy, ýene-de birküç sany adam. Oturdyk, içdik.
Ýa-ha Suhan Babaýew hakda ýa-da Şaja Batyrow hakda gürrüň gitdi. Ýamanladylar. Men şonda gorap çykyş etdim. Balyş şonda maňa “Muňa ynam bolmaz, aýdylan zatlary ýetirer” diýen ýaly gürrüň etdi. Ganym depäme çykdy. Balyşyň ýüzüne şarpyk çaldym. Oňa çenli araladylar. Şo gije Jumadurdy Gara Balyşy öz otagynda ýatyrdy. Urar diýip gorkandyr-da.

Suhan Babaýewi işden aýranlarynda men Maryň I sekretarydym. Şelepin gatnaşdy. Jumadurdy Garaýewi saýladylar. Men şonda çykyş etdim. Söz berdiler.
“Ýoldaşlar, men bir zatda özümi günäkär saýýan. Şu wagta çenli men Jumadurdy Garaýewiň ikiýüzlüdigini bilmändirin. Ýogsam men onuň bilen tirkeşdimem. Ýöne ol ikiýüzli eken” diýip başladym. Şonda Şelepin maňa duýduryş berdi.
Plenumda Nurjemal Durdyýewa-da söz berdiler. Aýallar Bibi Pälwanowa, Hally Nazarowa ýalylar gaty bolgusyz sowallar berdiler. O pahyr-a – çydaman tribunada özünden gitdi.
Suhan Babaýewem arakesmeleriň birinde, býuro çlenleriniň dynç alýan otagy bar, şoňa barýan wagty, gapa ýetmän ýykylypdyr. Bir adam galdyraýyn diýmändir. Görsem, ýykylyp ýatyr. Turzup kabinete saldym.
Ine, adamlar şeýle – inim – diýip, Juma Köýnekow aýtdy. “Ýogsam ol işläp ýören wagty ellerinde göterjek adamlar-a şolar”.
Juma Köýnekowiç keselhanadan çykyp gidenden soň ertesi, üst-başyndan atyryň ysy kükäp duran bir ýigit geldi. “Adym Çary. Men ýaşulyň ogly” diýdi. Men “Ýaşuly düýn çykdy bolnisadan” diýdim. “Aý, gelseňem üstüňe gygyryp dur. O günem bilýäň-ä nähili gygyrdy” diýdi. Onuň “O gün gygyrdy” diýýäni menden öň bolmaly. Aý, hawa-da “Otdan kül emele geler” diýýänleri-dä!
Ýaşuly akademik Agajan Geldiýewiç Babaýewiň dosty. Şonda-da ol hakda dogry pikirini aýtmaga çekinmeýär. “Özünden başga işe haýry degmez. Sypaýyçylyklydyr. Emma inisi Oraz Geldiýewiç dogry sözlüdi. “Agajan bolmasa, men birwagt akademik bolardym” diýip aýdýardy.
Rahman Öwez hakda gowy pikirde däl. “Özüme pomoşnik etdim. Aşgabada getirdim. Häzirki oturan jaýynam men alyp berdim. Gowy adam däl eken. Sen “Edebiýat we sungatda” şonuň bilen işleşdiň, dost bolduň, gaty haýran men. Sen şonuň bilen işleşen bolsaň, hemme ýerde-de işläp bilersiň – diýdi.
Bir gün bizi – Nury Baýramsähedi aýaly bilen, meni aýalym bilen Rahman öýüne, öz günümize goýman myhman çagyrdy. Barsak, saçagyň üstünde 5-6 sany çeburek, duza ýatyrylan pomidor, bir çüýşe-de arak. Başga zat ýok. Şo ýerde agzyma gelenini aýdyp

çykyp gaýtdym. Şondan soň göremok. Ýöne seniň toýuňda ( togsan biriň 9-njy noýabry – A.Ç.) gabat geldi. Çalaja salamlaşdym – diýdi.
Men bolnisadan 27-nji maýda çykdym. Wraçym Aýna Akmyradowna. Sorap-idesem, ol meniň dostum Hojamyrat Eýeberdiýewiň agtygy eken. Telewideniýede bile işläpdik. Gowy adamdy. Dawleniýeden ejir çekýärdi. Şondanam ýogalypdyr. Şo günler onuň kyrky eken.

18.10.2000 ý.

13-nji oktýabrda Ruhyýet Köşgünde “Ýaňlan diýarym” bäsleşigine Prezidentimiziň hut özi gatnaşdy. Welaýatlarda üstün çykyp, Ruhyýet köşgünde aýdym aýtmaga hukuk gazanan aýdymçylar ýaryşdylar.
Konsertiň başyny başlan aýdymçy ýigit Akmyrat Nurberdiýew (Aşgabat şäherinden) Gurbanmyrat Nobatow bilen ýazan “Watan” (Serdar) atly aýdymymyzy aýtdy. Zal ör turdy. Konsertiň ortasynda Mary welaýatynyň ýeňijisi aýdymçy ýigit hem “Watan” aýdymyny aýtdy. Bäsleşik biziň Gurbanmyrat bilen ýazan “Serdarym Türkmenbaşy” (“Alla birdir, Watan birdir, halkymyň Serdary bir…) atly aýdymymyz bilen jemlendi. Bu aýdymy sahnada durup, Mejlisiň we hökümetiň ýolbaşçylary bilelikde aýtdylar. Prezidentimiziň özi hem soň sahnada aýdymça sesini goşdy we tans etdi. Bu meni döredijilige hasam galkyndyrdy. Şeýle ajaýyp pursat ýa bolýandyr ýa-da bolýan däldir. Türkmenbaşynyň göwnaçyklygyna, pespälligine telpek goýmaly. Şol bäsleşige dünýäniň kyrk ýurdundan gelen taryhy konferensiýa gatnaşyjy alymlar hem tomaşa etdiler.
Eşidişime görä, şol aýdymlaryň tekstlerini öwrenmek üçin ministrliklere iberipdirler.
Şu gün Dempartiýanyň Aşgabat şäher sekretary Wiktor Zaýsew jaň edip, meni 20-sine boljak dabaraly ýygnaga çagyrdy. Ol ýerde maňa we Gurbanmyrada gowy aýdym ýazandygymyz üçin hormat haty gowşuryljak. Arman, oňa gatnaşyp biljek däl. Saglyk päsgel berýär. Elim taýakly. Ötünç sorap, Zeýsewe gatnaşyp bilmejekdigimi aýtdym.

Dowamy bar >> Ýatlamalar